Topragyň himiki häsiýetleri– Meýdan çäresi C02a

# ORGANIKI MADDA: REŇKE SYN ETMEK

*Maglumat posterleri n.10a-10b*

## DERWAÝYSLYGY

Topragyň reňki onuň hiliniň örän peýdaly görkezijisi bolup durýar, sebäbi ol takyk baha bermek aňsat bolmadyk topraklaryň beýleki has peýdaly özbolușly aýratynlyklarynyň, mysal üçin, organiki maddanyň (OM) gyýtaklaýyn görkezijisi bolup hyzmat edip biler. Topragyň OM-sy toprakda biologik, himiki we fiziki prosesleriň esasy bölegini düzgünleşdirmekde möhüm orny eýeleýär. Şu çäre1 üçin biz, diňe topragyň ýokarky gatlagynyň reňkine baha bermelidiris: üstki tekizliklerinde organiki maddalaryň ýeterlik möçberi bolanda, ol garamtyl we anyk duýulýan bolar. Topragyň reňkiniň üýtgemegi kesgitli bir ýerden peýdalanylanda ýa-da toprak taýýarlanylanda organiki maddanyň üýtgeýşiniň umumy ýagdaýyny berip biler.

## MATERIALLAR



Bag susgujy

## PROSEDURA

1) Susgujyň kömegi bilen topragyň ikiden az bolan nusgalaryny: birinji nusgasyny meýdandan, ikinji nusgasyny ýakynda ýerleşýän germewiň aşagyndan ýa-da şoňa meňzeş görnüşde goralan/arassa zolakdan ýygnap almaly



© S. Pioli

2) Topragyň nusgalyklarynyň reňkindäki degişli tapawudy deňeşdirmeli. Seljermäniň aşakda getirilen mysalyndan üç suraty ulanyp, bolup geçen topragyň reňkiniň degişli derejede üýtgeýşini kesgitlemeli.



© S. Pioli

## USULYŇ ARTYKMAÇLYKLARY

Ýerine ýetirmegiň ýönekeýligi, haýsy-da bolsa bir ýörite gurallar zerur bolmaýar. Dürli usullar bilen işlenip bejerilen topragy deňeşdirmäge mümkinçilik bolýar.

| | |
|---|---|
| USULYŇ KEMÇILIKLERI | Reňki subýektiw, bu usuly hemişe topraklaryň etalon nusgalygy bilen deňeşdirip geçirmek zerur bolýar, şol nusgalygy bolsa, käbir halatlarda, tapmak aňsat bolmaýar. Şonuň bilen birlikde, reňki hemişe gönüden-göni ýa-da diňe OM-nyň düzümi bilen baglanyşykly däldir hem-de ähli topraklarda OM-nyň düzümi üýtgände reňk üýtgemeleri syn edilmeýändir |
| SERETMÄGE DEGIŞLI SORAGLAR | Ýer bölekleriniň arasynda topragyň reňkinde anyk görnüp duran tapawutlar barmy? Eger bar bolsa, haýsy toprak has gara bolup görünýär? Siziň pikiriňizçe, haýsy toprakda organiki madda has köp mukdarda? Iki ýer böleginiň arasynda toprak we ösümlik örtüginiň bozulmasy nukdaýnazaryndan nähili tapawutlar bar? Siziňi pikiriňizçe, nusgalyklary saýlap almagyň dürli ýer böleklerinde organiki maddalaryň esasy çeşmesi näme bolup duryár? Siziň pikiriňizçe, haýsy çäreler OM-nyň artmagyna ýardam edip bilerdi? |

| SELJERMÄNIŇ MYSALLARY[2] | | |
|---|---|---|
| PES | ORTA | OŇAT |
| Germewiň aşagyndaky goralan/arassa zolagyň topragynyň reňki bilen deňeşdirilende topragyň reňki ep-esli öçügsi. Üstki gorizonty üstkiniň aşagyndaky gorizontdan tapawutlandyrmak mümkin däl | Germewiň geçýän ugrunyň aşagyndaky topragyň reňki bilen deňeşdirilende, topragyň ýokary gatlagynyň reňki has öçügsi, ýöne reňkdäki tapawut juda görnüp durmaýar. Üstki gorizontyň reňki öçügsi we aşaky gorizontyň reňkinden az tapawutlanýar. | Topragyň ýokarky gatlagy garamtyl we aşaky gorizontyň topragynyň reňkinden görnetin tapawutlanýar. Topragyň ýokarky gatlagynyň reňki goralan/arassa zolagyň (germew) reňkine meňzeş. |
|  © FAO 2008 |  © FAO 2008 |  © FAO 2008 |

[1] https://www.fao.org/3/i0007e/i0007e00.pdf
[2] Topragyň ýokarky gatlagynyň reňkiniň topragyň görnüşine baglylykda, ep-sli tapawutlanyp bilýändigi sebäpli, suratlar topragyň absolýut reňkini däl-de, reňkiniň üýtgeýiş derejesini görkezýärler.